**Daşoguz welaýat maliýe ykdysady orta hünär okuw mekdebi**
**Dersiň ady: Ykdysady meýilnamalaşdyryş we çaklaýyş**
**Mugallym: Maral Hojamedowa**

## 1 – nji Tema. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirişiniň usullary we guralyşy.

**Sapagyň maksady:** Ykdysadyýetiň düzgünleşdirilişiniň göni we gytaklaýyn usullaryny, Döwlet çaklamalary we konsepiýalaryny, Döwletiň maksatnamalaşdyryşy we durmuş-ykdysady ösüşiň maksatnamalaryny, Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişinde meýilnamalaşdyryşy talyplara düşündirmek.
**Enjamlaşdyrylyşy:** tema boýunça prezentasiýa.

**( 2 sagatlyk )**
Umumy okuwyň meýilnamasy:

1. Ykdysadyýetiň düzgünleşdirilişiniň göni we gytaklaýyn usullary.
2. Döwlet çaklamalary we konsepiýalary.
3. Döwletiň maksatnamalaşdyryşy we durmuş-ykdysady ösüşiň maksatnamalary.
4. Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişinde meýilnamalaşdyryş.

### 1. Ykdysadyýetiň düzgünleşdirilişiniň göni we gytaklaýyn usullary.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişi islendik ykdysadyýete mahsusdyr. Bazar bäsdeşligine we makroykdysady düzgünleşdirişe esaslanýan ykdysadyýetde bolsa döwlete has uly rol degişli.

Döwletiň ykdysady prosesslere gatyşmagy, üznüksiz önümçilikdäki proporsiýalarda progressiw üýtgeşmeleri üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylýar. Onda hoşniýetli bäsdeşlige şert döredilýär, negatiw sosial we ykdysady netijeleriň öňi alynýar.

Häzirki zaman şertlerinde, döwlet makroykdysadyýýet derejesinde çaklamaklygy, maksatnamalaşdyrmagy we meýilnamalaşdyrylyşy has giňden peýdalanýar. Şol bir wagtda döwlet fiskal syýasaty hem ulanýar. Käbir möhüm pudaklara subsidiýalar berýär.

Ykdysady prosesslere döwletiň täsiri bazaryň öz-özüni düzgünleşdirişi bilen döwlet düzleýjileri (regulýatorlary) utgaşdyrylyp alyp barmagyna esaslanýar.

Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklary aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

* aýry-aýry haryt öndürijileriň zähmet önümleriniň çalyşygyny;
* haryt öndürijileriň öz önümleriniň hilini ýokarlandyrmaga stimulirlemek;
* önümçiligiň çykdajylaryny azaltmak;
* satyn alyjylarda tygşytlylygy oýatmak, girdejileri köpeltmek.

Döwlet şeýle makstalar üçin kesgitli düzleýjileri, deňagramlaşdyryjylary, sosial kompensasiýalary (üsti ýetirmeleri) ulanýar. Jemgyýet üçin möhüm – gözegçilik funksiýadyr, oňa her hili standartlary işläp taýýarlamak, ýagny ykdysady, sosial we ş.m. standartlary işläp taýýarlamagy degişli edip bolar. Döwletde kabul edilen standartlaryň ýerine ýetirilişine üznüksiz gözegçilik edilmelidir.

Salgyt syýasaty bilen telekeçiligiň kesgitli görnüşleriniň işlerini, döwlet tarapyndan düzgünleşdirip bolar, döwletiň çykdajylarynyň kömegi bilen ilatyň sosial isleglerini kanagatlandyrýan firmalaryň we kärhanalaryň işini höweslendirip bolar.

Döwlet tarapyndan ýurduň ykdysadyýetini düzgünleşdirmegiň göni we gytaklaýyn usullary ulanylýar.

Döwletiň ykdysadyýet täsiriniň **göni usulyna** aşakdaky çäreler degişlidir:

* ykdysady ösüşiň strategik maksadyny kesgitlemek, onuň meýilnamalarda, maksatly maksatnamalarda aňladylyşy;
* käbir kesgitli önümleriň üpjünçiligi, ýerine ýetirilmeli işler, edilmeli hyzmatlar boýunça döwlet buýurmalary we şertnamalary (kontraktlary);
* maksatnamalaryň, buýurmalaryň we şertnamalaryň döwlet goldawy;
* tehnologiýalaryň we önümleriň hiline hem-de sertifikasiýasyna talaplaryň normatiwleri;
* kesgitli önümleriň görnüşlerini we ş.m. öndürmek boýunça hukuk we administratiw çäklendirmeler we gadagan etmeler;
* harytlaryň eksporty we importy boýunça amallary, ýagny daşary söwda amallary ygtyýarlandyrmak.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişiniň göni usuly goşmaça maddy stimullary döretmek bilen baglanyşykly däldir, ol diňe döwlet häkimiýetiniň güýjüne esaslanýar.

Ykdysady prosessleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň **gytaklaýyn usuly** esasanam haryt-pul ryçagyna esaslanýar, ol bazar gatnaşyklary hojalygynda “oýunyň düzgünini” kesgitleýär we hojalyk işleriniň subýektleriniň ykdysady bähbitlerine täsir edýär.

Ol bähbitler aşakdakylardan ybaratdyr:

* salgyt salmak, salgyt salnyşynyň derejesi we salgyt ýeňillikleriniň ulgamy;
* nyrhlaryň düzgünleşdirilişi, olaryň derejesi we gatnaşyklary;
* serişdelere töleg, karza göterim stawkalar we ýeňillikli karzlar;
* eksportyň we importyň gümrükleýin düzgünleşdirilişi, walýuta kurslary we walýuta çalyşygynyň şertleri.

Ýurtda ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklary ulgamyna geçilmeginiň ösüşinde döwlet düzgünleşdirişiň gytaklaýyn usulynyň täsir sferasy has giňelmelidir.

Ykdysadyýetiň amerikan (ABŞ) modeliniň esasyny telekeçiligi höweslendirmek düzýär. Ilatyň iň az girdejili bölegine bolsa, milli girdejiniň bölekleýin paýlanmagy esasynda durmuş derejesi ýeterlik ýagdaý kepillendirilýär.

Ykdysadyýetiň ýapon modelinde bolsa, zähmet öndürijiliginiň ösüşinden ilatyň durmuş derejesiniň kesgitli yza galmagy göz öňünde tutulýar.

Ykdysadyýetiň şwed modelinde güýçli sosial syýasat goýulyp, onda milli girdejiniň belli bir bölegi iň az üpjün bolan ilatyň gatlagyna gönükdirilendir.

Ykdysadyýetiň german (alman) modeliniň merkezinde ynsan goýulyp, onuň erkinligi hem-de özüniň jemgyýetiň öňündäki jogapkärçiligini duýuşy durýar. Bu ýerde adam, ýagny jemgyýetiň agzasy durmuşda we işde käbir kesgitli wezipeleri ýerine ýetirmek bilen özüne, maşgalasyna, öz sosial toparyna käbir peýda gazanýar.

Ähli ykdysady ulgamlarda we modellerde hem ykdysadyýet döwlet tarapyndan kä halatlarda doly (buýruk ulgamy), kä halatlarda kem-käsleýin jemgyýetiň bähbidine görä düzgünleşdirilýär. Häzirki wagtda onuň roly tehniki ösüşiň we maglumat hem-de Internet tilsimatlarynyň ösmegi, önümçiligiň milli we halkara möçberiniň ulalmagy hem-de çylşyrymlaşmagy we dünýä möçberinde zähmet bölünişiginiň çuňlaşmagy bilen hasam artýar.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişi jemgyýetiň ösüşiniň obýektiw ykdysady kanunlaryny dogry peýdalanmaga we bilmeklige daýanmalydyr.

Häzirki zaman bazar ykdysadyýetinde esasy roly **i s l e g  we  t e k l i p** kanuny oýnaýar.

**Isleg** belli bir derejede bolup, alyjynyň ýa-da sarp edijiniň belli bir kesgitli möhletde bazardaky bahadan önümi (harydy) alyp bilijiliginiň taýýarlygyny häsiýetlendirýär.

Alyjylar ýa-da sarp edijiler üçin *nyrh* belli bir päsgelçilikdir. Uly (ýokary) nyrhda alyjylaryň önümi (harydy) satyn almaga bolan höwesi ýa-da mümkinçiligi has peselýär, pes nyrhda bolsa tersine, satyn almaklyk höweslendirilýär.

**Sarp edijilik** bolsa peýdalylygyň çäginiň kemelýän kanunynyň tersine düşýär. Oňa görä satyn alynýan önümiň ýa-da harydyň birligi şol bir nyrhdan sarp edijileri dowamly wagtda kanagatlandyryp bilmez, onuň üçin nyrh şol wagtda ýeterlik derejede peseldilmelidir. Eger şeýle edilmese, sarp ediji ol önüme (haryda) derek arzan alternatiw harydy gözläp tapar.

Teklibiň möçberiniň nyrhdan baglylygy **teklip kanunynda** berkidilýär. Oňa görä öndürijiler ýokary bahadan (nyrhdan) satmak üçin uly mukdarda önüm öndürmäge höweslidirler. Bu ýerde önümi tabşyryjy şol önüm üçin pul alyjynyň rolunda çykyş edýär.

Bazar nyrhynyň üýtgäp durmagy bilen islegiň we teklibiň arasyndaky gatnaşygyň üýtgemegi **n y r h l a r  k a n u n y** bilen düzgünleşdirilýär. Mysal üçin, nyrha degişli bolmadyk faktorlaryň täsiri bilen üýtgemeýän teklipde isleg ýokarlansa ýa-da üýtgemeýän islegde teklip kemeldilse nyrh ýokarlanar. Tersine, üýtgemeýän teklipde isleg azalar ýa-da üýtgemeýän islegde teklip köpelse nyrh peseler. Bu ýerde nyrh telekeçiler hem-de öndürijiler üçin *tanyşdyryş* ulgamynyň ornuny ýerine ýetirýär. Bu belgi ulgama erkin bäsdeşlik şertlerinde has netijeli sazlaýjy bolup hyzmat edýär.

## 2. Döwlet çaklamalary we konsepiýalary.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişinden öň has möhüm iş, ol hem bolsa çaklamalary (çaklamalary) işläp taýýarlamakdyr.

**Döwletiň çaklamalary** – munuň özi ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň ugurlarynyň ylmy esaslandyrylan ulgamydyr. Bazar gatnaşyklaryna geçiş şertlerinde, çaklamak uly ähmiýete eýe bolýar we tutuş dolandyryş ulgamynyň esasynyň başlangyç tapgyry bolup durýar. Ol bazar şertlerinde, ösüşiň traýektoriýasynyň üýtgäp durmagy, onuň wariantlarynyň köpelmegi, islenilmeýän negatiw ýagdaýlardan çykmagyň gözleginiň güýjemegi bilen baglanyşyklydyr. Bazar ykdysadyýetinde özbaşdak subýektleriň sany has köpelýändir, olar islendik çözgüdi öz jogapkärçiligi astynda kabul edýärler. Mysal üçin, döwlet kärhanalary, döwlet kärhanalary bilen bilelikdäki daşary ýurt maýa goýumlaryndaky bileleşdirilen kärhanalar, firmalar, fermer hojalyklary, daýhan birleşikleri, kooperatiwler, häkimlikleriň ýerli edaralary. Şu subýektleriň her biri üçin bazar konýunkturasynyň üýtgemegini öňden görmek hem-de öz wagtynda degerli çözgüdi kabul etmek örän wajyp meseledir.

Çaklaýyşlar, köplenç, birnäçe wariantlarda işlenip taýýarlanylýar hem-de makroykdysydy ýagdaýyň ösüşini häsýetlendirýän hil we mukdar görkezijileri özünde jemleýär.

Onuň esasy bolup, aşakdaky çaklaýyş ulgamlar hyzmat etmelidir:

* demografik;
* sosial;
* ylmy-tehniki;
* ekologik;

* daşary ykdysadyýet;
* pudaklaýyn;
* ýerli (sebit, welaýat, etrap, şäher, arçynlyk).

Döwlet çaklaýyşlarynyň netijesinde ykdysadyýetiniň ösüşiniň düzgünleşdirişi üçin we ýurduň ösüş konsepsiýasyny işläp taýýarlamak üçin zerur resminalar alynýar.

Döwlet strategiki ähmiýetli çaklaýyşlaryny işläp taýýarlamak maksady bilen Türkmenistanda Ministirler Kabinetiniň ýanynda Türkmenistanyň Strategiki meýilnamalaşdyryş we ykdysady ösüş instituty Türkmenistanyň Prezidentiniň permany bilen Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler döwründe döredildi.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ýakyn we uzak aralyk üçin konsepsiýalary Prezidentiň maksatnamalary görnüşinde işlenip taýýarlanylandyr we kabul edilendir. Şeýle konsepsiýa diýlip döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň öňe tutylýan (prioritet) ugurlaryny we strategik maksatlaryny görkezýän ulgamlara düşünilýär hem-de olary durmuşa geçirmegiň serişdeleri anyklanýar.

Türkmenistanda konsepsiýalar işlenip taýýarlanylanda ondaky infradüzümlar, daşky we içki bazarda satyp bolýan çig mallar, şeýle hem mümkin bolan daşary ýurt maýa goýumlar göz öňünde tutulmalydyr.

Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüşiň köp ugurlaryny tutuşlygyna diýen ýaly täzeden döretmeklik döwlet özbaşdaklygymyzy alandan soň zerur boldy. Mysal üçin, pagta süýüminden ýüplük, mata dokamak, taýýar geýimleri tikmek täzeden döredildi, gant zawody Maryda guryldy we beýleki welaýatlarda gurulýar, tebigy gazy suwuklandyrýan desgalar guruldy we ş.m.

## 3. Döwletiň maksatnamalaşdyryşy we durmuş-ykdysady ösüşiň maksatnamalary.

Konsepsiýalaryň esasynda döwletiň maksatnamalaşdyryşy ösüşiň perspektiwasyny öňden görmage kömek edýär, kärhanalara we kompaniýalara döwletiň maksatlary barada maglumatlar berýär hem-de beýleki düzgünleşdiriş görnüşleri üçin koordinirleýiş zynjyry bolýar.

Maksatnamalaşdyrmak ykdysadyýetde bazar gatnaşyklary maksada laýyk gönükdirilmek işiniň ösüşiniň depginini üpjün edýär. Maksatnama – maksatnamalaýyn çemeleşmede, resurslaryň konsentrasiýasyny soňky netijelere ýetirmek, sarp etmek işini guramagy üpjün edilýär. Onuň kömegi bilen ykdysady, durmuş we ylmy-tehniki ösüşiň esasy meseleleri çözülýär.

Maksatnamalaşdyrmak üznüksiz önümçilik prosesinde ýeterlik derejede jebis usul bilen täsir edýär, ol diňe başga düzgünleşdiriş usullary bilen maksada laýyk netijeleri alyp bolmadyk ýagdaýda peýdalanylýar.

Maksatlaýyn maksatnamalar uzak möhletleýin we orta möhletleýin perspektiwalarda işlenip taýýarlanylýar. Olar aşakdakylar bilen häsiýetlendirilýär:

* gutarnykly (maksatly) netijelerde (görkezijilerde) kesgitli aňladylan;
* ýumuşlaryň doly toplumyny, çäreleri we resurslary özüne birikdirýär;
* ýokary derejedäki kompleksligi bilen tapawutlanyp, kesgitli durmuşa geçiriliş döwri bardyr.

Türkmenistan döwletinde durmuş-ykdysady maksatnamalaryň birnäçesi islenip taýýarlanylandyr. Olardan uzak möhletli Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli Milli Maksatnamasy, “Türkmenistany

ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry" Milli Maksatnamasy has jikme-jik işlenip taýýarlanylandyr. Bulardan başga-da ilatyň durmuş ösüşiniň her bir ugry üçin ýöriteleşdirilen maksatnamalar işlenip taýýarlanyp kabul edilendir. Mysal üçin, "Saglyk", "Bilim" maksatnamalary, şeýle hem "Däne" maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi Türkmenistanyň ilatynyň ykdysady howpsuzlygynyň bölegi bolan galla garaşsyzlygyna getirip, onuň eksport edilmegine çenli ösdürilmelidir.

## 4. Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişinde meýilnamalaşdyryş.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň möhüm usullarynyň biri meýilnamalaşdyryşdyr. Ol üznüksiz önümçilik prosesine maksada ugrukdyrylan täsiri boýunça ýumuşlary işläp taýýarlamak bilen amala aşyrylýar.

**Meýilnama** – munuň özi resminama bolup, onda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek boýunça göz öňünde tutulan özgertmeleriň esasy maksady, ýumuşlar we görkezijiler görnüşinde getirilendir. Olar direktiw (buýruk) we indikatiw (görkeziji) hasiýetli bolup bilerler.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde meýilnamalaşdyryş durmuşyň ähli sferasy üçin düzülmegi mümkin däldir. Beýle diýmek bilen bazar ykdysadyýetinde meýilnamalaşdyryş ýok diýildigi däldir. Bu ýerde meýilnama degişli derejede resmi tassyklanan dolandyryş çözgüdidir.

Meýilnamalaşdyryş dolandyryşyň esasy wezipeleriniň biri bolup, ol dolandyryş obýektiniň ösüşiniň maksada ugrukdyrylyşyny, dinamikasyny we proporsionallygyny üpjün edýär. meýilnamalaşdyryş özüniň konkretleşdirilişini degişli meýilnama görkezijilerden alýandyr.

Direktiw häsiýetli meýilnamalaşdyryş öňki sosialistik ýurtlarda has ýokary derejede ulanylypdy. Ol ähli eýeçiligiň döwletiňki bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Dowamly wagtyň geçmegi bilen direktiw meýilnamalaşdyryş, ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň ösüşiniň balansirlenenligini we proporsionallygyny üpjün edip bilmedi, şeýlelikde, ähli sosialistik ýurtlar, şol sanda öňki SSSR diýen ýurduň bölegi bolan Türkmenistanda hem ykdysadyýetiň bazar gatnaşygyna ýuwaş-ýuwaşdan geçmeklik göz öňünde tutulandyr.

Indikatiw meýilnamalaşdyryşda direktiw başlangyç bolman, ol ykdysadyýetiň döwlet we hususy sektorlaryny öz içine alyp biler. Indikatiw meýilnamalaşdyryşyň esasy maksady iş konýunkturalary, şeýle hem iň netijeli çözgütleri kabul etmäge hemaýat etmek üçin döwltiň göz öňünde tutýan maýa goýumlaryny we döwlet býujetiniň çykdajylary barada maglumatlary ulgamlaşdyrmakdyr we gowulaşdyrmakdyr. Indikatiw meýilnamada görkezijileriň detallaşdyrylyşy iň az derejededir. Döwlet indikatiw meýilnamany durmuş geçirmekde telekeçileriň ünsüni çekmek we gatnaşdyrmak maksady bilen her hili ykdysady stimullary peýdalanýar, olaryň käbirleri aşakdakylardyr:

- göni we gytaklaýyn subsidiýalar;
- ýeňillikli amortizasion hasapdan çykarmak;
- býujete salgyt tölegleri kemeltmek;
- maksatly karzlaryň her hili görnüşleri we s.m.

Önüm öndürmegiň üznüksiz tapgyry iň uly derejede göni meýilnama täsirine düşüp biler, iň az derejede bolsa sarp ediliş tapgyryndadyr. Önüm meýilnamalaşdyrylanda we aýlananda düzgünleşdirmegiň gytaklaýyn usuly has köp ulanylýar.

Meýilnama ýumuşlaryny esaslandyrmakdaky çäreleriň biri hem degişli balanslary we balans hasaplaryny peýdalanmakdyr. Balanslar ýumuşy ýerine ýetirmek üçin zerur resurslar bilen olaryň barlygynyň arasyndaky degIş bilen üpjünçiligi üpjün edýär.

Meýilnamalaşdyryşyň balans usuly ýurduň hojalygynda maddy-zat we nyrhlaryň proporsiýalaryny meýilnamaly görkezmek we ýerine ýetirmek üçin gural bolup hyzmat edýär.

Meýilnamalaşdyryşyň praktikasynda esasanam maddy, zähmet we maliýe balanslary düzülýär we peýdalanylýar. Onuň kömegi bilen aýratyn pudagyň we welaýatyň ösüşiniň zerur proporsiýasy görkezilýär we goldanylýar.

**Maddy balanslar** – munuň özi balanslaryň toplumy bolup, onda önümleriň kesgitli görnüşleriniň öndürilişiniň we sarp edilişiniň görkezijileri häsiýetlendirilýär. Olar öz gezeginde önümçilik serişdeleriniň maddy balansyna we sarp ediliş predmetleriň balanslaryna bölünýär we kesgitli shemalarda işlenip taýýarlanýar. Onda önümleriň peýdalanyşynyň esasy ugurlary görkezilmelidir. Önümiň her hili görnüşleriniň balanslary özara baglanşyklydyr, sebäbi ýurduň hojalyk pudaklary şol bir wagtda başga pudaklar üçin öndürijiler we sarp edijiler bolup çykyş edýärler.

Zähmet balanslary ulgamy, zähmet resurslaryň yzygiderli taýýarlanyşynyň her hili taraplaryny häsiýetlendirýän balanslaryň toparyny özüne birikdirýär. Onuň çeşmesi bolup ilatyň zähmete ukyply bölegi, şeýle hem işe ýaramly pensionerler hyzmat edýär. zähmet balansynyň maglumatlary zähmet resurslarynyň umumy sanyny kesgitlemekde, ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesini anyklamakda, işleýänleriň kärleri boýunça düzümsyny we ş.m. statistiki sanlary bilmeklikde peýdalanylýar.

Ykdysadyýetde zerur nyrhlaryň proporsiýalaryny üpjün etmek üçin maliýe (ýa-da nyrhlar) balansy düzülýär. Onda pul girdejileriň emele gelişi we peýdalanylyşy hem-de giňeldilen üznüksiz önümçilige gatnaşyjylaryň fondlary häsiýetlendirilýär. Bu ýerde balansyň iň möhümlerine döwletiň girdejileriniň we çykdajylarynyň balansyny, jemlenen maliýe balansyny, töleg balansyny we ş.m. degişli edip bolar. Bu balanslaryň her biri kesgitli meseleleri çözýär, ýöne olar biri-birindäki görkezijiler bilen özara arabaglanyşyklydyrlar.

Döwlet tarapyndan düzgünleşdirilende ykdysady normatiwler we görkezijiler möhüm ähmiýete eýedir. Ykdysady normatiwler ähli hojalyk agentleri üçin ýa-da "oýunyň düzgünindäki" toparlar üçin differensirlenip umumylykda kesgitlenilýär, olara salgydyň stawkalary, gümrük ýygymlary, walýuta kurslary we ş.m. degişli edip bolar. Olar düzgünleşdirmegiň guraly bolup hojalyk birliklerine öz işlerinde meýilnamany kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Görkezijiler üznüksiz önümçiligiň ähli derejelerinde templeriň we proporsiýalaryň üýtgeýşini mukdarda aňladyp, resurslaryň çykdajylaryny we olaryň peýdalanylysynyň netijeliligini häsiýetlendirýär. Esasy önümçilik ülüşi defrejesinde natural görkezijiler artykmaçlyk edýär, pudak, welaýat, sebit, halkara derejesinde – nyrhlaryň görkezijileri artykmaçlyk edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda ýurduň ykdysady ösüşine döwlet ýolbaşçylygyny Prezident, Mejlis, Hökümet, Merkezi bank we ýerli ýerine ýetirji häkimlikler tarapyndan amala aşyrylýar. Olaryň degiş bilen üpjünçilikde ygtyýarlyklary (kompetensiýasy), ýurduň baş kanunynda görkezilendir.

Döwlet düzgünleşdiriş ulgamynda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi möhüm orny eýeleýär. Olar döwletiň durmuş-ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmäge

gönüden-göni gatnaşýar, beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işini utgaşdyrýar.

Ýokary obýektiw ykdysady kanunlaryň häzirki zaman döwrebap öndüriji güýçleriň ösüşine laýyk edilmegi, diňe döwletiň ykdysadyýete gatyşmagy bilen gazanylyp bilner.

Bazar ykdysadyýetinde döwletiň ornuny ilkinji gezek nazaryýtde esaslandyran beýik amerikan alymy **J.Keýnsdir**. Ol ýurduň ykdysadyýetini makroykdysadyýete we mikroykdysadyýete böldirmek bilen bazarda ykdysady subýektleriň özara hereketiniň prosesini derňäp seljeripdir. Bazar ykdysadyýeti gatnaşyklary ulgamynda döwlet onuň hereket etmegi üçin hukuk binýady bilen üpjün edýär, olaryň käbirleri aşakdakylardan ybaratdyr:

* eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki, şol sanda hususy kärhanalara kanuny statuslary berýär;
* kärhanalaryň, resurslary tabşyryjylaryň hem-de sarp edijileriň özara gatnaşyklaryny tertipleşdirýär.

Döwlet kanuny esasda ykdysady gatnaşyklarda araçynyň wezipesini ýerine ýetirmäge mumkinçilik alýar hem-de jenaýatçylykly ykdysady işleri ýüze çykarýar we özüniň degişli häkimlik çärelerini peýdalanýar.

Döwlet bäsdeşligi güýçlendirmek we goramak maksady bilen antimonopol (ýekemenlige garşy) kanunlaryň durmuşa geçirilmegini gazanmalydyr.

Döwlet jemgyýetiň agzalarynyň sosial deňsizligini otnositel gyradeň etmek maksady bilen girdejini täzeden paýlamaga şert döredýär. Bu meseläniň çözgüdi sosial gorag hökmünde ýerine ýetirilmelidir.

Bulardan başga-da, döwlet ýurtda jemgyýetçilik hyzmatlary (medisina, bilim we ylym, kitaphanalar we arhiwler, muzeýler, goşun, ýollar we ş.m.) ösdürmäge hem höweslendirme döretmelidir.

Bu hyzmatlary bazar gatnaşyklary ulgamy gönüden-göni döretmäge we ösdürmäge gyzyklanýan däldir, ýöne olarsyz tutuş jemgyýetiň sosial-ykdysady durmuşy mümkin däldir.

Döwletiň düzgünleşdirişiniň usullaryny, şertleýin administratiw we ykdysady usullara bölüşdirip bolar.

Administratiw usulyň esasynda düzgünleşdiriş işi döwletiň häkimliginiň güýjüne daýanmak bolup durýar hem-de ol gadagan etmek, rugsat bermek we mejbur etmek çärelerine bölünýär.

Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda administratiw çäreleriň esaslary aşakdakylardan ybaratdyr:

* töwerek-daşy goramak;
* ilatyň az üpjünçilikli gatlagynyň ýaşaýşy üçin minimal ýaşaýyş-durmuş şertleri döretmek;
* kanuny bolmadyk biznesiň ösüşiniň öňüni almak.

Döwletiň düzgünleşdirişiniň **y k d y s a d y** usullary pul-karz (karz) hem-de býujet syýasaty çärelerine bölüşdirilýär.

Pul-karz çäreleriň esaslary aşakdaky faktorlardyr:

* hasabat stawkasynyň düzgünleşdirilişi (ol Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylmalydyr);

* ýurduň maliýe institutlarynyň Merkezi bankda hökmany saklamaly minimal ätiýaçlyklary bellemek we üýtgetmek;
* gymmatly kagyzlar bazarynda döwlet edaralarynyň amallary, olara döwletiň bergisiniň – borjunyň emissiýasy, onuň söwdasy we üzmegi degişlidir.

Döwlet býujet syýasatynyň çäreleri bilen gönüden-göni ykdysady düzgünleşdirişi amala aşyrýar. Milli girdejiniň ep-esli bölegi döwlet býujeti arkaly döwletiň bähbidine laýyklykda bölüşdirilýär. Bu ýerde döwlet çykdajylarynyň üstüni ýapmak üçin salgyt salmak peýdalanylýar.

Döwlet dolandyryş guramalarynyň esasy işi diňe bir salgyt salmak bolman, eýsem ýurduň hojalyklaryndaky ýuridiki we fiziki taraplara öz işlerini gowy alyp barmak üçin mehanizm döretmekden ybaratdyr.

Ykdysadyýetiň ösüşiniň her bir tapgyrynda, döwlet jemgyýetçilik önüm öndürilişini durnuklaşdyrmak we ösdürmek üçin her hili fiksal syýasatyň mümkinçiliklerini peýdalanyp biler.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişiniň netijeli çäreleriniň biri hem döwlet býujetiniň **d e f i s i t i n i ň** (ýetmeziniň) pese gaçyş döwründe köpeldilmegidir, hümmetsizlenmek (hümmetsizlenmek) döwründe hem onuň azaldylmagydyr.

Döwletiň ykdysadyýeti düzgünleşdirişinde nyrhlara **d o t a s i ý a** (üstüni ýetirmek we ýetmezçilik) syýasaty hem ulanylýar. Bu ýerde dotasiýa – “dolanyşykdan salgyt” ýalydyr. Haryt boýunça dotasiýa harydyň nyrhyna göterim bilen kesgitlenip ýa-da harydyň birligine hasabatyň absolýut jemi hökmünde bolup biler. Haryt boýunça dotasiýalary haryt öndürijiler alýarlar, kä ýagdaýlarda olary sarp edijiler hem alyp bilerler.

Nyrhlaryň üýtgemezlik syýasaty – munuň özi bazar gatnaşyklary mehanizmine döwletiň “gödek” usuly bilen aralaşmasydyr. Üýtgemezlik nyrhlary deňagramlyk nyrhlardan tapawutlandyryp, olar düzgün boluşy ýaly agrosenagat we nebit-gaz toplumlarynyň önümlerine, şeýle hem käbir önümleriň we hyzmatlaryň görnüşlerine bellenilýär.

**Barlag soraglary:**

1. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklary haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
2. Döwletiň ykdysadyýet täsiriniň göni usulyna nähili çäreler degişlidir?
3. Ykdysady prosessleriň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň gytaklaýyn usuly esasanam nämä esaslanýar?
4. Teklibiň möçberiniň nyrhdan baglylygy haýsy kanunynda berkidilýär?
5. Maksatlaýyn maksatnamalar uzak möhletleýin we orta möhletleýin perspektiwalarda işlenip taýýarlanylýar. Olar nämeler bilen häsiýetlendirilýär?
6. Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda administratiw çäreleriň esaslary haýsylardan ybaratdyr?
7. Pul-karz çäreleriň esaslary haýsy faktorlardyr?